# Yryma ynanan yranmaz

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe
написано kitapcy | 23 января, 2025
Yryma ynanan yranmaz YRYMA YNANAN YRANMAZ

Biziñ halkymyz gelin alyp, gyz çykarjak bolanda, uly sähetli günlere gabat getirýär. Şol günler her aýyñ bäşi, on bäşi, ýigrimi bäşi hasaplanýar. Boş aýy (bolmalysy baş aýy, ýöne «boş aýy» diýlip halkyñ diline giripdir) ogul öýerilip, gyz çykarylmaýar. Ýyldyza garşy ýola düşülmeýär. Ýolagçy ýola gidip, öwrülip gelende, işi şowuna düşmese, nähoşlasa, «Ýyldyza ýörän ýaly boldy» diýilýär. Türkmenleriñ hasap tutýan aýynyñ birine, ikisine ýyldyz gündogar tarapda, üçüne, dördüne günortada, bäşine, altysyna günbatarda, ýedisine, sekizine demirgazykda, dokuzyna ýeriñ teýinde bolýar. Dokuzyna ýer gazmak, ýere gazyk kakmak bolmaýar.
Agşam ýatylanda, başyñy gündogar tarapa goýup ýatsañ, aýagujyñ kybla, Käbä tarap bolýar. Bu dogry hasap edilmeýär. Şeýle halda ýatan adam köplenç erbet düýş görýär, ony gara basýar, basyrganýar. Her bir musulman Käbäni hormatlamalydyr. Başyñy gaýra salyp ýatsañ, ýüzüñ Käbä tarap bolýar. Adam hata bolandan soñ, soñky öýünde ýüzüni Käbä öwrüp jaýlaýarlar. Gijesine başyñy günbatara öwrüp ýatsañ bolýar. Gün dogandan soñ tersiräk bolýar. Älem nuruna sarpa goýulmalydyr. Gündiz bolsun, gije bolsun, tapawudy ýok, kelläñi günorta öwrüp ýatsañ, sogaba ýakyn hasaplanýar.
Meýdana oturanyñda obalarda gaýra (demirgazyk) tarap ýüzüñi öwrüp oturylýar. Şäher ýerinde muña, elbetde, mümkinçilik bolmaýar. Ony Hudaý geçirer-dä.
Bir ýana aýagulagly gitmekçi bolsañ, şol gün sähetli güne gabat gelmejegini bilseñ, öñünden, sähetli gün şol ugra düz düwünçegi çykaryp, ýere gömüp goýulýar. Musulman hasaby boýunça aýyñ 8-ine, 18-ine, 28-ine sapara gidilmeýär. **«Sekizine sekme»** diýilýär. **«Ýedisine ýeten ýeriñe».** Ýedisine ýetjek ýeriñe ýola düşmeli.
Pili, sübsäni, taýagy ýatyryp goýmaly. Öýe söýäp goýsañ, şol

öýi şowsuzlyga eltýär diýýärler. Türkmen öýüñ, jaýyñ daşyndan aýlanmaýar. Ojagyñ, saçagyñ üstünden ätlemek günä hasaplanýar. Öýden ýolagçy gitse, şol güni içeri süpürilmeýär. Ýolagçy heläkçilige uçrar diýip yrym edilýär.
Saç syrylanda, dyrnak kesilende ýere gömülýär. Dyrnagyñ ýany bilen on bir çöp bölejigi gömülýär. Artyk bir çöp, dyrnagyñ wagtynda aýrylandygy barasynda ahyrýet-magşar gününde şaýat bolar. Yrym saglygy goramaga ugrukdyrylan bolarly, dyrnak bir sebäp bilen adamyñ içine gitse, onda gutulgysyz kesel döreýär diýlip hasaplanýar. Gijesine saç syryp, dyrnak almak dogry hasaplanmaýar.
Saçagyñ başyna geçilende, el ýuwulýar, ýöne süpürilmeýär. Suwdan arassa zat ýok. Hemme zady suw arassalaýar. Nahardan soñ el ýuwulýar. Eger şeýdilmese, ynsan häsiýeti haýwanyñ häsiýetine kybapdaş gelýär.
Çöregi ters goýmak, üstünden ätlemek, çep eliñ bilen döwmek günä hasaplanýar. Ýerde ýatan çöregi mañlaýyña degrip, ýokary galdyrsañ, sogapdyr. Çörek hödür edilende, saçak salnan gap bilen uzadylýar. Nan «bissimylla» diýlip alynýar. Tamdyr hiç haçan bozulmaýar. Çörek bişirilenden soñ agzy ýapylyp goýulýar.
Işigiñ agzynda salamlaşyp, elleşmek bolmaýar. Gapynyñ agzynda gerñelip durulmaýar. Işigiñ üstünde oturylmaýar.
Käbir gaharjañ adamlar guzusyna almaýan goýny taýak bilen urýarlar. Bu nädogrudyr. Musa pygamber goýny ömründe bir gezek, ol-da syny bilen urupdyr.
Gijesine çaganyñ başujunda duzly düwünçek goýulýar. Diş çykyp başlanda, üstüne pişme ýa-da gowurga seçilýär. Bu otuz iki dişiñ doly çykmagy arzuw edildigi bolýar. Ýedi ýaşa gidende çaganyń dişi düşüp başlaýar. Öñler dişiñ hemmesi ýygnalyp, at toýnagynyñ yzyna gömlerdi. Bu olaryñ atyñ dişi ýaly berk bolsun diýildigidi. Çaganyñ boýnuna üçburç edilip dagdan, goşaryna düýe ýüñünden işilen ýüp dakardylar. Dagdanam, düýe ýüñi-de gözden-dilden gorar diýilerdi.
Egin-eşik ýuwlanda çöwrüp serilýär. Howply düýş görlende, Hudaý ýoluna petir kesilýär. Petir üçburç bolmalydyr.
Şu makalany ýaş ene-atalar okap, öz durmuşyna ornaşdyrsalar,

mekdep mugallymlary okuwçylara türkmen halkynyñ yrymlaryny öwretseler, peýdaly bolardy. Elbetde, yrymlaryñ birnäçesi bada-bat ýadyña gelmeýär. Il arasynda olary bilýänler köpdür, üstüni ýetirerler diýip tama edýärin.

Tatar ÜÝŞMEKOW. Pedagogika we edep-terbiýe